Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

# c) Söz üýtgediji goşulmalar

**131-nji gönükme.** *Sözlemleri okaň. Sözleriň asyl bölegini we goşulmasyny aýdyp beriň*

1. Zähmet adama bagt getirýär.

2. Egri azar, dogry ozar.

3. Biz Watanymyzy tüýs ýürekden söýýäris.

4. Biziň ýurdumyzda hemme adamlar deň hukukly.

*Birinji sözlemiň manysyny düşündiriň.*

* * *

**132-nji gönükme.** *Dik çyzygyň çep we sag tarapyndakylary deňeşdirip okap görüň, haýsylarynyň manysynyň düşnüklidigini aýdyň.*

| | |
|---|---|
| Men galam. | **Meniň galamym.** |
| Sen galam. | **Seniň galamyň.** |
| Aşgabat gel . | **Aşgabatdan geldi .** |
| Adam git. | **Adamlar gitdi.** |
| Biz gel. | **Bize gelýär.** |

**Söz üýtgediji goşulmalar täze manyly söz ýasamaýar.Olar sözlemdäki sözleri biri-birine baglamaga hyzmat edýär.**

**Meselem:** *Atamyň depderi. Şäherden geldik. Biziň klasymyz.*

*Oglanlar geldiler.*

Turkmenkultur.com

**133-nji gönükme.** *Sözleri okaň we göçürň,* **-lar**, **-ler** *goşulmasynyň aşagyny çyzyň.*

Adamlar, okuwçylar, depderler, çöller, galamlar, köçeler, güller, kitaplar, göleler.

**-lar, -ler** *goşulmasynyň söz üýtgediji goşulmadygyny ýadyňyzda saklaň.*

*adamlar*

* * *

**134-nji gönükme.** *Okaň we göçüriň. Söz üýtgediji* **-lar, -ler** *goşulmasynyň aşagyny çyzyň.*

1. Çagalar oýnamaga gitdiler. Olar ýabyň boýunda oýnaýarlar.

2. Okuwçylar okuwdan gelýärler. Depeler, daglar buluda bürendiler.

**Depe, dag sözleriniň** *manysyny sözlükden öwreniň.*

* * *

**135-nji gönükme.** *Bu sözleri nusgadaky sözleriň üytgeýşi ýaly üýtgedip, depderiňize göçüriň.*

Towşan, galam, depder.

**Nusga:**

Meniň towşanym.

Seniň towşanyň.

Onuň towşany.

Biziň towşanymyz.

Turkmenkultur.com

Siziň towşanyňyz.

Olaryň towşany.

1. *Üýtgeden sözleriňiziň. asyl bölegi bilen goşulmasyny aýdyp beriň*

2. *Şunuň ýaly sözleri biri-birine baglamaga hyzmat edýän goşulmalaryň söz üýtgediji goşulmalardygyny ýadyňyzda saklaň.*

* * *

**136-nji gönükme.** *Okaň we göçüriň. Söz üýtgediji goşulmalaryň aşagyny çyzyň.*

| | |
|---|---|
| Meniň bagym. | Meniň guşagym. |
| Seniň bagyň. | Seniň guşagyň. |
| Onuň bagy. | Onuň guşagy. |
| Biziň bagymyz. | Biziň guşagymyz, |
| Siziň bagyňyz. | Siziň guşagyňyz. |
| Olaryň bagy. | Olaryň guşagy. |

*bagymyz*

* * *

**137-nji gönükme.** *Göçüriň. Has gara ýazylan sözlerdäki söz üýtgediji goşulmalaryň aşagyny çyzyň.*

**Meniň galamym** bar.**Seniň depderiň** barmy?

**Onuň dosty** oňat. **Biziň obamyz** baglyk.

**Siziň obaňyz** hem gowy. **Olaryň kitaby** täze.

* * *

Turkmenkultur.com

**138-nji gönükme.** *Sözleri okaň. Has gara ýazylan sözleri göçürip alyň. Olara goşulan goşulmalaryň aşagyny çyzyň.*

**Amanyň** surat depderi bar. Ony **Amana** kakasy alyp berdi. Biz **Amany** gowy görýäris, sebäbi ol akylly hem tertipli. **Amanda** dürli galamlar bar. Men **Amandan** surat çekmegi öwrenýärin.

*Aşagyny çyzan goşulmalaryňyzyň söz üýtgediji goşulmalardygyny ýadyňyzda saklaň.*

* * *

**139-nji gönükme.** *Sözlemleri okaň.* **Gözel** *we* **Sapar** *sözlerine goşulan söz üýtgediji goşulmalary aýdyp beriň*

Gözeliň we Saparyň oňat ýoldaşlary bar. Olar ikinji klasda okaýarlar. Gözele we Sapara sylag berdiler. Gözeli, Sapary hemişe okalgada görmek bolýar.

Gözelde we Saparda oňat ukyp bar. Gözelden, Sapardan görelde alalyň.

*Bu ýazgynyň mazmunyna laýyk sözbaşy tapyň.*

* * *

**140-nji gönükme.** *Okaň. Has gara ýazylan sözlere goşulan söz üýtgediji goşulmalary aýdyp beriň*

## ÝÜŇÜŇ PEÝDASY

— **Çagalar, goýnuň** ýüňünden näme edilýär? — diýip, mugallym sorady.

— Jorap.

— Ellik — diýip, dumly-duşdan jogap berdiler.

Mugallym:

— Dogry, çagalar, **olaryň** hemmesi **ýüňden** edilýär. Ýene nämeler edilýär? — diýdi. Gurbangül ýerinden turup:

— Keçe etmek mümkin — diýip jogap berdi.

Mugallym:

— Dogry, ondan haly hem dokaýarlar. Çagalar, türkmen halylary nähili owadan! Olary ýüňden

dokaýarlar. **Bizde** ussat halyçy gelin-gyzlar kän — diýende, kiçijik Aýperi:

— Menem ullakan bolanymda haly dokaryn — diýip seslendi.

*(G. Rejebowa, «Kiçijik çopan»).*

**Keçe, haly** *sözleriniň manysyny düşündiriň.*

* * *

**141-nji gönükme.** *Nokatlaryň ýerine degişli söz üýtgediji goşulmalary ýazyp, sözlemleri göçüriň.*

Meniň dogan... şäherde işleýär. Ol her gün irden iş... gidýär. Sen... doganyň nirede işleýär? Sen şu gün şäher... gitjekmi? Daýym şäher... ýaşaýar. Olaryň ýaşaýan şäher... uly hem owadan.

* * *

**142-nji gönükme.** *Ýaýyň içindäki söz üýtgediji goşulmalaryň degişlisini öň ýanyndaky söze goşup, ýazgyny göçüriň.*

**MÜÇE ÝYLLARY**

Müçe ýyl hasaby(-na, -ne) türkmenler(-da,-de) "Çarwa hasaby"

hem diýilýär. Çarwa hasaby boýunça her on iki ýyl(-yň, -iň) bir müçe bolýar.

Müçe ýyllarynyň hersi bir jandar(-iň, -yň) ady(-ny, -ni) aňladýar.

Olar şulardyr: **syçan, sygyr, bars,**

**towşan, luw, ýylan,**

**ýylky, koý, bijin,**

**takyk, it, doňuz.**

**Müçe ýyllary** *diýen söz düzüminiň manysyny owreniň we sözlük depderiňize ýazyň.*

Turkmenkultur.com

**143-nji gönükme.** *Okaň we bulary nusgada görkezilişi ýaly edip, depderiňize göçüriň.*

Sagatçy, sagatly, demirçi, doganym, goýunlar, otluk, süzgüç, agajyň, Durdynyň, Durdudan, suwçy, galamlar, çörekçi, kitaply, galamyň, galama, galamda, ädikçi, köýneklik.

**Nusga:**

| *Söz ýasaýjy goşulmaly sözler.* | *Söz üýtgediji goşulmaly sözler* |
|---|---|
| *Sagatçy*<br><br>*sagatly* | *doganym*<br><br>*goýunlar* |

* * *

**144-nji gönükme.** *Hekaýajygy okaň. Has gara ýazylan sözleriň asyl sözüni we söz üýtgediji goşulmasyny aýdyň.*

## GÖZELIŇ HATY

Gözeliň **kakasy** her gün **stoluň** başyna geçip işleýär. Ony görüp, Gözeliň hem hat **ýazasy** geldi.



Gözel kakasyndan kagyz, galam **aldy.** Özüçe bir ***zatlar*** ýazmaga oturdy.Onuň ýazan **hatyna** hiç kim düşünmedi, Gözeliň özi welin, onuň nämedigini bilýärdi. Ol "eje" hem-de "kaka" diýip ýazypdy.

*Hekaýajygyň mazmunyny dilden aýdyp beriň.*

Turkmenkultur.com

**145-nji gönükme.** *Aşakdaky meýilnama boýunça* **«Gözeliň haty»** *diýen hekaýajyk esasynda beýannama ýazyň.*

**Meýilnama:**

1. *Gözeliň kakasy.*
2. *Gözelde dörän höwes.*
3. *Gözeliň hat ýazyşy.*
4. *Gözeliň ýazan sözleri.*

**Höwes** *sözüniň manysyny düşündiriň we sözlük depderiňize ýazyň.*

Turkmenkultur.com